# Garaşsyz Türkmenistan dünýä siwilizasiýasynyñ iñ täze merkezi

Category: Ertekiler,Kitapcy,Publisistika,Türkmen dili
написано kitapcy | 22 января, 2025
Garaşsyz Türkmenistan dünýä siwilizasiýasynyñ iñ täze merkezi

GARAŞSYZ TÜRKMENISTAN DÜNÝÄ SIWILIZASIÝASYNYÑ IÑ TÄZE MERKEZI
/ ylmy-filosofik esse

■ B i r i n j i   B ö l ü m

I. Köne galalar

Gadym imperýalar, giden şalyklar,
Garylyp,  heňňamlaň aýak astyna,
Teke, ýomut, gokleň, salyr-saryklar,
Gidipdirler gadymýete – aslyna.

Täze  siwilzasýalar çykýar toprakdan,
Geçmişi galdyrýar başyn Türkmeniň.
Görogly beg  geçip barýar buldurap,
Eýýamlaň egninden çapdyryp atyn.

Taýsyz  älem bolup , düňderlip ýatyr,
Atalaň salamy, köne galalar.
Pyragynyň şygyrlarnyň summaty,
Hem gadymy teňňä döne galalar.

Olar otyr Allaň ýadyndan çykan,
Ody dünýä beren çakmaga meňzäp.
Birwagtlar zalym Çingiz han çaýkan,
Indi  täze imperýalar döredýän,
Türkmeni görmäge çykjaga meňzäp.

Bu köne galalar gysym  ýer däldir.

Olar eýýamlara salyp dawany,
Atalaryň bagty, ahy- perýadyn
Türkmene ýetiren pendi-diwany.

* * *

Gurbanguly Berdimuhamedow:

"Gadymy medeniýetiň we siwilizasiýanyň watany bolup durýan Türkmenistanda syýahatçylyk industriýasynyň mümkinçiliklerini artdyrmakda „Awaza” iş ýüzünde ilkinji esaslaryň biri bolup durýar.
Biziň döwletimiziň raryhy we medeni ýadygärlikleri dünýä medeniýetiniň gazananlarynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Ol gadymy ýadygärlikleriň sany 1300-e golaýlaýar.”

1.17 sah.

* * *

Häziirki Garaşsyz, hemişelik bitarap Türkmenistan bu gün, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhammediň döwlet başyna geçmeginiň dört ýylynda Dünýä siwilizasyýasynyň iň täze merkezine öwrüldi. Aslynda Türkmen döwlet dünýä döwletleriniň iň gadymy laryndan biri bolmak bilen, öz bagtly ykbalynda dünýäde 172 döwleti, dört imperiýany guran döwletdir. Onuň guran beýik imperiýalary dünýäniň ýüzünde haýran galmaly birleşmeleri emele getirdi. Akademik W.W. Bartoldyň belleýşi ýaky:” minnetdar oguz ýa-da türkmen halky tarapyndan döredilen Seljuklar imperiýasy musulman dünýäsi üçin orta asyrlarda türki halklaryň arasynda bolup bilmejek deňi-taýy bolmadyk many-mazmuna eýe boldy” diýip belleýşi ýaly, Togrulbegiň we Çagrylbegiň döreden bu beýik imperiýasy dünýäde täze eany açdy. Akademik A.Ýe.Kryskiniň belleýşi ýaly: "Seljuk goşunlary özleriniň Eýrana ýörüşleri mahalynda ähli zady ýer bilen ýegsan etmek, özlerine gabat gelen öýleri, obalary, dürli binalary ýakyp weýran etmek, halkyň mukaddesliklerini ýogyna çykmak, ilat köpçüligi ýaly, şuňa meňzeşlikleri,

ýok etmek zulumkeşlige ýüz urmazlykda mongol basybalyjylaryndan düýpli tapawutlanypdyrlar" diýip belläpdir.
Bu ýagdaýlar Mahmut gaznalynyň döreden beýik imperiýasy mahalynda-da, Seljuk türkmenleriniň döreden imperiýasynda-da, Horezmşalaryň beýik imperiýasy mahalynda-da, Osmanly türkmenleriň imperiýasy mahalynda-daşeýle bolupdyr. Sebäbi bu ýagdaý nesilbaşymyz, dünýäni boýun egdiren Oguz han atamyzdan gelýän sessur bolupdyr. Bu barada türkmen edebiýatynyň beik nusgawy şahyry Nurmuhammet Andalyp özüniň „Oguznama „ poýemasynyň „Oguz hanyň ogulla pent-neshat kylgany” diýen bölüminde ýazyşy ýaly:

Birew bir söz diýse, diýdim oňa Haýyr”,
Sebäp şul uýgur atanturdylar gaýyr.

Karar bilen karar işiň ahyryn,
Ýetişdim maksatymga biri-birin.

Eger koýsaň kadam serr-u-zalymga,
Owwal kalgusydyr özi ölümge.

Olar öz kabrini öz elgi belen
Kazipdirlar ki halkdan ilki bilen

Zulum zakkunyny tadyrsaň ilge
Raýat gelüwsi tedbir ile kolga

Zulmuň mergi-muşun tatgan ölgeý,
Bakyň ragaýatsyz şadan ne bolgaý…”

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, Türkmenistan dünýä siwilizasyýalarynyň çatrygynda durýar. Bu döwlet dünýäde döwleti 72 döwleti, dört imperiýany guran merdana türkmen ogullaryň üwrelen sallançagy, ata watany bolupdyr. Şonuň üçin dünýäde dörän şonça döwletiň, ägirt imperiýalaryň göbegi şu toprakda gömlüpdir. Şonuň üçin şeýle ägirt dünýäni guran ogullaryň elleriniň, ykballarynyň, taryhy yzlary diwan bolup, dessan bolup, beýik-beýik ymaratlar bolup,

aramhanalar, köşgi eýwanlar bolup bu toprakda galypdyr. Häzirki wagtda şol keramatly taryhy- arheologik ýadygärlikleriniň 1300-e golaýy biziň döwrümize gelip ýetipdir. Mundan başga-da, şol döwletleriň halkynyň umydynyň näzik nagmalary, kalbynyň göwheri bolan "Görogly, "Gorkut ata” ýaly eposlar, "Şasenem –Garyp”, "Ýusup-Zyleýha, ”Nejeboglan" atly halk dessanlarynyň, ertekileriň, rowaýatlaryň, nakyllaryň, atalar, sozleriniň, hüwdüleriň, läleleriň, gör näçesi şu gün hem türkmen gadymyýetiniň bu günki nesillere ýapan gymmatly serpaýyna öwrülip, dilinden , elinden düşmän dünýäniň siwilizasiýasynyň iň täze merkezini gurýan beýik halkyň aň-parasat, pähim-paýhas ýörelgesiniň gönezligi bolup, täze-täze nesilleriň aňyna, ýüregine siňip gidip otyr.

2.

■ Siwilizasiýanyň keramatly ruhy.

Siwilizasiýa

Beiýk ruh bolup dünýäň aňynda,
Damaryna, al gana garylyp,
Ýaşap ýörsüň, belentligiň zarynda,
Käte çykýaň wulkan bolup ýarylyp.

Älemi aýlanýaň, orun isleýäň,
Sag gözüň geçmişde – harabalykda,
Bir göwnüňde beýik ogul isleýäň.
Sol gözüň geljekde, ajap bagtda.

Sen hiç wagt dogulmaýaň, ölmeýäň,
Beýik ruhuň diri, niýetiň ýagşy
Dünýäň haýyr işlerini jemleýän,
Eşrete öwürmek bar ýaşaýyşy.

Kim nan, kim suw, kimler bolsa mal isläp,
Ýalbarýar Hudaýa, "Kerem et allam!”,
Alla alaç edýär aç bilen teşnä.
Ýyl gidip, aý ötüp, gün geçip barýar.

Bu gün dünýä saňa dikdi ümzügin.
Haýyr güller açýar, şer hetden aşýa.
Ony diňe özüň sazlap bilersiň,
Eý, umytlar başy- Siwilizasiýa!

* * *

Eýsem, siwilizasiýa näme?! Bu sowalyň jogaby dürli-dürli.

1. Siwilizasiýa- jemgyýetiň aň, maddy, ruhy, medeni, jemgyýetçilik ösüşiniň ýokary derejesi. Şeýle hem önümçilik güýçleriniň kesgitli ösüş derejesi. Jemgyýetçilik- ykdysady formasiýanyň ýeten ýokary derejesi.

2. Siwilizasyýa- raýatlaryň berk jebislenmegi, düýä medeniýetiniň derejesi.Dünýäniň iň täze gazananlarynyň, ylym, bilim, terhnika, tehnologiýa tilsimatlarynyň merkezleşdirilen halka hyzmat etmegi.Şu ýagdaýlaryň barysynyň has ösdürilen , kämilleşdirilen görnüşinde dünýä halklaryna gaýtarylyp ýetirilmegi we şeýlelikde, dünýä ýurtlarynyň sosial-ykdysady ýagdaýyna oňaýly täsir etmek bilen, adamzadyň bagtly, eşretli ýaşamagyna täsir edip bilmegi.

3. Siwilizasyýa- bol suw, bol azyk önümleri, parahatçylyk, oba hojalygynyň, maldarçylygyň, senetçiligiň, hünärmentçilgiň ýokary ösüşi.

4. Siwilizasyýanyňiň uly we esasy wezipesi- beýleki siwilazasyöalara, ululy, kiçili döwletlere, halklara, halkyýetlere öz

üniň döreden nähilidir bir amatlyklary, ýaşaýyş-durmuş, ynsan ýaşaýşyny ýeňilleşdirýän gymmatly tapyndysyny berip bilmek.

5. Häzirki zaman siwilizasiýa düşünjesi- elektrik, gaz, suw, güýçli we takyk aragatnaşyk, rahat ýaşaýyş jaýlary, düşewüntli giş orunlary,ösen medeniýet, kämil dil, demokratik institutlaryň gülläp ösmegi. eşretli, rahat durmuş,

agzybirlik, parahatçylyk. Dünýäniň beýik gazananlarynyň elýeterliligi. Adalatly, parasatly döwlet ýolbaşçysy. Kanunlaryň berk we adalatly işledilmegi. Puluň ygtybarlylygynyň,hümmetiniň saklanmagy.
6. Siwilizasyýanyň hökmany şerti bolup, onuň hökman iki derýanyň aralygynda bolmagy. Mysal üçin:

I. Birinji siwilizasyýa – Gadymy Hytaý siwilizasyýasy: Ýansyzy we Huanhe derýalarynyň aralygndaky jülgelerde;

II . Ikinji siwilizasyýa- gadymy hindi siwilizasyýasy:Brahmaputra- Gang we Hind derýalarynyň uzaboýyndaky jülgede;

III. Üçünji siwilizasyýa – Ýefrat we Tigr derýalarynyň aralygyndaky uly jülgede dörän Messopatamiýa siwilizasyýasy;

IV. Dördünji siwilizasyýa- – Nil derýasynyň Ak Nil –Gök Nil gollarynyň arasyndaky giň jülgäniň boýlaryndaky, Gündogar Müsür siwilizasyýasy;

V. Jehun-Tünüderýa we Jeýhun derýalarynyň uzaboýunda dörän Marguş- Gowurdepe siwilizasyýasy.

* * *

Elbetde, Gadymy Hytaý, Gadymy Hindi, Messopatamiýa,, Gündogar Müsür siwilizasyýalary barada taryhy öwrenjililer belli derejede anyk netijä gelip, ol siwizasyýalary ilki-düwme aýan etdiler.
Emma Marguş siwilizasyýasy barada heniz anyklamaly, gümürtik meseleleriň bardygyny hem bellemeli. Bu swilizasyýany açan Wiktor Iwanowiç Sarianidi özüniň "Goňurdepe – Türkmenistan. Şalaryň we hudaýlaryň şäheri. Aşgabat, 2005 ý.” atly belli kitabynda saglygynyň ýol bermäni üçinmi, ýa bu beýik açyşa guwanjyndanmy, kem-käs bärden gaýtmalara ýol berendigi duýulýar.
Professoryň ilkinji anyklamadyk meselesi, ol Goňurdepe

siwilizasyýasyny diňe Murgap derýasy bilen baglanyşdyrýandygydyr.
Elbetde, Murgap derýasynyň täze açylan siwilizasyýanyň döwründe kuwwatly bir derýa bolmagy-da mümkin. Ýöne şeýle bolanda-da Murgap derýasy tutuş bir siwilizasyýny ekläp bilmezdi.Ol bolaýanam eken diýäýeniňde-de, Diňe bir Murgap derýasy hen Goňurdepe siwilizasiýa merkezini, ondan başga-=da, tä Merwden başlap häzirki Bamy- (Gyzylarbat_ )Serdar etrabynyň töwereklerine çenli ýerleri bol suw bilen üpjün edip bilermidi?! Bilmezdi!
Onda, bu meselä nähili çemeleşip bolar!? Şu ýerde şol zamanlarda Türkmenistanyň çäklerinde gaty uly taryhy we medeni merkez hökmünde açylan Jeýtun medeniýetini göz öňüne getirip görüň. Jeýtun medeniýeti diýilýäniň merkezi däl-de, juda kuwwatly derýanyň adydygyna arhiologlaryň hiç biri-de henize-bu güne çenli üns bermändir. Je–derýa, Tün– garaňky, bulanyk, ýa-da ýäbik derýa diýmegi aňladypdyr.Belli italýan arheologyBarabara Çezeretda kosmosdan alnan suratlay derňemek bilen "Garagumyň 4 metr aşagyndan gaty uly derýa akyp geçipdir" diýip kesgitläpdir. Bu barada Türkmenistanyň halk ýazyjysy Berdi Kerbabaýew hem özüniň Garagum derýasynyň gurluşygy baradaky oçerkleriniň birinde „ Rus inženerleri Garagum derýasynyň akabasyny gadym wagtlarda akyp geçen derýanyň köne hanasy boýunça alyp barýarlar”[11] diýip ýazypdyr.
Aslynda-da türkmen halkynyň aňynda gadym wagtlarda Garagum çölüniň içinden derýa akypdyr”diýen düşünje berk ornandyr.Şol derýa özüniň gözbaşyny Jeýhun derýasyndan alyp soňky müňýyllykda ugruny Uzboýa- Uzaboýa tarap üýtgedipdir. Onuň ahyrky hanasy Tüniderýa ady bilen Uzboýdan Döwkeseniň günbatarlygyna Sarygamyş kölüne bakan ugur alyp gidip otyr.
Tüniderýanyň juda kuwwatly, bol suwly derýa bolandygy barada „Şasenem –Garyp” dessanynda şeýle gürrüň berilýär.
Häzirki wagtda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimihamedowyň aladasy bilen Türkmenistanyň Syýahatçylyk ministrligi döredildi.
Bu ministrligiň işgärleri Türkmenistanyň arheologik

ýadygärlikleriniň kartasyny çekipdirler. Şol arheologik karta görä Türkmenistanyň arheologik ýadygärlikleriniň 90 göterime golaýy Garagum çölüniň merkezinde hatarlanyşyp otyr. Ine, şundan çen tutanyňda diňe bir Jeýtum Merkezi däl, tutuş siwilizasyýanyň düzümine girýän onlarça merkez, şol sanda Guňurdepe merkezi hem Tüni deryanyň bol suwly akabasynyň kenarlarynda mesgen tutup, olaryň galyndylary bolsa biziň günlerimize gelip ýetipdir diýip hasap etmek bolar.

* * *

Adamzat pähim-parasady bilen döredilen bäşinji siwilizasyýany açan Sankt-Peterburgly dünýä belli arheolog alym Wiktor Sarianidiniň „Dokuz müň ýyl mundan ozal, Ahalyň, Baharly bilen Mäne çäçäniň arasyndaky giňişliklerdedünýäde ilkinjileriň biri bolup bugdaý ekip başlan obalar peýda boldy. Olaryň gapylarynyň ýanynda tä gözýetimiň gutarýan ýerine çenli bugdaý we arpa ekilen meýdanlar ýap-ýaşyl öwüsýärdi. Olaryň öýüniň ýanynda daşy germelen agyllarda goýun-geçiler we iri şahly mallar eldekilenip başlanypdy. Şeýlelik bilen adamzat siwilizasyýasynyň belentliklerine tarap çylşyrymly, ýöne öňe, ösüşe alyp barýan ýol başlanypdy.” (5) diýip belleýşi ýaly, türkmen topragyndaky beýik siwilizasyýanyň ýalkymly başlangyjy öz-özünden, ýeke-täklikden başlanmandy.
"…Agyr gurakçylygy başdan geçiren taýpalar özlerine täze ýurt gözläp, şol wagtky ýaşaýyş siwilizasyýasynyň çetinde ýerleşen Erem bagyny ýatladýan bolhasylly topraklara gelip ýetýänçäler uzak ýyllaryň dowamynda Murgabyň şerbet suwy hiç kime peýda getirmän bihuda akýardy. Ýöne göksäüýrileriň” göksüýrileriň bu göçüşleri olara üstünlik getirmändi…
Diňe biziň eýýamymyzydan ozalky III müňýyllygyň soňky asyrlarynda Murgabyň bol suwly gadymy hanasyn boýunda ekerançylar ekerançylar kowçum-kowçum bolup göçüpdiler. Bereketli topragyň gadyryny bilip başlan bu taýpalar özleriniň täze Watanynda posýoloklary, şäherleri gurup başlapdylar. Beýik Murgap düzlüginde daşyň asla ýokdugy sebäpli täze göçüp gelen günorta türkmen taýpalary günüň aşagynda guradylan çig

kerpiçden gurluşuk etmegi özleşdirmäge mejbur bolupdylar… Şeýlelik bilen gelmişek taýpalar käbir zatlary özleri ornaşdyrypdyrlar, käbirlerini bolsa ýerli ýaşaýjylardan öwrenip, bu ýerlerde berk uzakwatlap ornaşypdyrllar” (5. 22-23).

Allatagala Nil we gadymy, häzir yzy ýitip giden Samki derýasynyň boýlaryndaky, Gündogar Müsür, Tigr we Ýefrat derýalarynyň aralygyndaky Messopatamiýa, Gang we Hind derýasynyň uzaboýunda dörän Gadymy Hindistan, Ýanzy we Huanhi derýalarynyň aralygndaky jülgelkerde dörän gadymy Hytaý siwilizasyýasynyň güýji bilen Balkan daglarynyň eteklerinde, Dam-dam -1, II gowaklarynda, Köpetdagyň eňňitlerindäki, eteklerindäki gaty gadymy gowaklarda örňäp, süri-süri bolup ygypgezip, daşdan emelsizje aw, durmuşda ulanyp boljak sadaja esbaplar ýasap,ilkinji her dürli kýkler, miweler bilen güzeran gören, soň-soň awçylyk tilsimatyny, malarry eldekileşdirmek endiklerini ele almakdan has soňlar gün –güzeranlary üçin çygly,yzgar meýdanlara galla ekmek tejribesine eýe bolup, soň bu endigi giden dessura öwren, soň bolsa Messopotanyýa , Müsür, Hindistan, Hytaý taraplaryndan kowçum-kowçum ilatlar bilen garyşyp, gatyşyň, seçilip, saýlanyp, tutuş Murgap hem Tüni derýalarynyň häzirki Garagum çölüniň ýzaboýuna akýan ugurlarynda, esasan hem Gadymy Ürgenç, Merw, Köne Nusaý, Abywerd tegeleginiň merkezi bolup duran Jeýtunyň ( bu adyň özem, Je-derýa, tün- gara, läbik, gyrmançaly hakykatda Tüniderýanyň boýy diýilen sözden gelip çykan bolsa gerek) tutuş töwereklerine düşündirip bolmajak syrly gatnaşyklaryny açypdyr.

Asyl arheologlar gazuw- agtaryşlaryň netijelerinde bu ýerlerdäki ekerançylyk, ýer sürmek, un üwemek,, çörek bişirmek ýaly dürli durmuş däp-dessurlarynyň baryp Messopotamiýadaky, Müsürdäki, gadymy Hindi, Hytaý dessurlay bilen gaty meňzeşligine haýran galypdyrlar.

Belli türkmen taryhçy alymy Ýazgylyç Orazgylyjow Türkmen halkynyň kemala gelmegi we onuň adamzat progresine goşandy” diýen kitabyny 42-nji sahypasynda: "Jeýtunlylar bugdaý, arpa ekipdirler. Ýabany üzümi, nary, injiri ilkinji

medeniýetleşdiren hem şolardyr diýipip çaklanylýar. Bizde „Änew ak bugdaýyň watanydyr” diýilýär. Emma üns berilse, ak bugdaýyň asly mekanynyň Jeýtundygy jedelsizdir” (6. 42. sah.) diýip belleýär.

Bu barada Wiktor Sarianidi bu ýagdaýy, Ýefrat we Tigr derýalarynyň arasyndaky gazaply gurakçylykdan gaçyp, tezip, göçüp-gonup gelen adamlaryň, Gadymy Hindistandan, Hitaýdan, Müsürden söwda- satyk işleri bilen gelip, gidip, berk gatnaşylary açylmagy bilen hem baglaşdyrýar.

Bu elbetde, şeýle bolmagy-da ahmaldyr. Ýöne, şu ýerde esasy zady bellemek gerek:

Gadymy Türkmenistanyň beýik siwilizasyýasy, hiç haçan ýalňyz bolmandy. Ol Gündogar Müsür, Mesopotamiýa, Gadymy Hindistan, Gadymy Hytaý siwilizasiýasy bilen bir bir zynjyrda, bir ugurda, bir möçberde, bor möwritde, bolup, arkalaşykly ösen beýik merkez bolupdy.

Hut şonuň üçin-de, Günorta, Müsüriň, Messopotamiýanyň, Gadymy Hindistanyň, Gadymy Hytaýyň siwilizagyýa merkezleri arheologllar tarapyndan açylanda, Türkmenistanyň zergärleriniň, küýzegärleriniň, haly, keşde nagyşlarynyň, dini-ybadat dessurlaryna degişli özboluşlyklaryň ýüze çykyşy ýaly, Türkmen siwilizasyýasynyň merkezleri arheologlar tarapyndan açylanda hem her näçe geň-taň görülse-de, her näçe düşündirmesi, gabat getirmesi kýn bolan bolsa-da Günorta Müsüriň, Messopotamiýanyň, Gadymy Hindistanyň, Gadymy Hytaýyň zergärçilik, senetçilik, däp-dessur, durmuşda ulanylýan enjamlary ýüze çykarylypdy.

Bu barada müsürli alym Bakri Abu al-Hasan Mahmudyň Müsür we Günorta Türkmenistan enolit eýýamynda diýen işinde "Enolit eýýamy gadymy Müsürde simwollar dünýäsiniň başlanýan we Nil derýasynyň jülgesinde ilkinji siwilizasyýalaryň ösüş ýolunyň birinji tapgyrynyň kemala gelendigini aňladar. Türkmenistanyň Günortasynda hem şol eýýam köpgyraňly ösen ekerançylyy bilen meşhurdyr. Çünki bu ekerançylyk medeniýetinde şol eýýama mahsus ösüşiň mümkin bolan ähli çykmalaryny görüp bolýar” (77. 7) diýip ýazýar.

Bu ýagdaý tutuş adamzada ýaşaýyşyň, diriligiň baş şerti bolan

bugdaýy, çörek bişirmek bilen, goýun ýüňünden haly, geçiniň çöpründen, düýe ýüňünden ýüpleri, öý üçin zerur keçe basmak, haly, palas ýaly harytlary dokamagyň, ýaşaýyş üçin zaerur bolup durýan beýleki gurallary- arabany, ekerançylyk gurallaryny, dürli bezeg şaýlaryny, küýzegärçiligi, demiri özleşdirmegiň tilsimlerini, suwdan ýerden otdan her dürli mallardan önüm almagyň surlaryny beren türkmen siwilizasyýasynyň dünýäniň beýleki siwilizasyýasy bilen berk gatnaşyklarynyň bolandygyna şaýatlyk edýär.

Türkmen siwilizasyýasynyň bol suwuň- Garagum çöllüginiň iüi bilen akyp ýatan Jeýhun ( Je- derýa, Hun- hun derýasy, ýa-da Oguz derýasy) boýunyň bolmagy onuň birinji möhüm şerti bolupdyr. Sebäbi, suwuň bar ýerinde, ekerançylyk, maldarçyly, balykçylyk, guşçuly, aragatnaşyk, gaýyk bilen suwuň içi bilen gatnaw guramak arkaly, gatnawyň, söwdanyň ýola goiýulmagy guralypdyr.

Suwuň bar ýerinde, derýa boýunda bitýän bol tal, garagaç, derek, çynar, güjüm ýaly agaçlardan jaý gurmak üçin, jaýyň üstüni ýapmak, aýna, gapy enjamlaryny ýasamak, tabak, çemçe ýaly durmuş üçin zerur enjamlaryny ýasamak, hyşşadan, ýekenden, gargy gamyşdan, beýleki ot-çöplerden her dürli düşekleri, söwda üçin, satymlyk harytlary dokapdyrlar. Mundan başga-da, derýaboýda, adamlar odun, ot, çöp aladasyny etmändirler. Iň esasy zatlaryň biri, derýa boýunda, dürli guşlaryň, towşanyň, tilki ýaly haýwanlaryň bol bolmagy bolupdyr. Adamlar, ok ýaý bilen, çirtmek, gapan bilen aw edipdirler. Mümkin boldugyça, mallary eldekleşdiripdirler.

Şol döwürlerden başlap, gözbaşyny Hytaý siwilizasiýasyndan alyp gaýdýan, uzynlygy 7 müň kilometre ýetýän Ýüpek ýoly (9.63) bu beýik siwilizasyýalaryň alyndan Hydyrata bolup diräpdir. Bu ýol arkaly gelip geçýän ýaşaýyş üçin iň zerur harytlar, ruhy we maddy medeniýet, dünýädäki ýagdaýlar barada ynamdar maglumatlar, öz döredn harytlaryň bilen zerur harytlaryň alyş-çalyşlygy, geljege bolan ynamy, ertire bolan höwesi, şeýle hem, halklaryň arasyndaky berk baglanyygy emele getiripdir.

Şol Ýüpek ýöly Hytaýdan Merwe, ondan Kuşan imperiýasynyň içi

bilen, Owganystandan Tibete çenli aýlanyp, dolanyp durupdyr. Bu ýola şol döwürlerde „Ömür ýoly” diýenler ýalňyşmandyrlar.
Iň geň galmaly ýeri, siwilizasuýalaryň şeýle garma-gürmeligine, merkezçuiilik gatnaşyklarynyň güýçli bolandygyna garamazdan professor Annageldi Gubaýewiň "Beýik özgerişler zamanynda gadymy mirasymyzyň öwrenilişi" atly işinde: ”Biziň eramyzdan öňki YI müňýyllyklarda Türkmenistanyň ýerinde şol önümleri kimler öndürdikä?Şol gadymy ýadygärliklerden öwrenilen arheologiki tapyndylar bilen birlikde, adam kelleçanaklary, antropolog alymlar tarapyndan öwrenilip, şolaryň (kelleçanaklaryň) türkmeniň kelleçanagydygy dünýäniň belli alymlary doly kesgitleme berdiler” diýip belleýär. (7.24 sah.)
Siwilizasiýanyň beýleki bir şerti gün şöhlesiniň ýylyň dowamynda adamlara elýeterli bolmagydyr. Ýyly pasylarda adamlar azyklyk, satlyk önümleri öndüripdirler. Sowuk düşýänçä özlerine, her dürli ýaşaýyş ýerlerini gurupdyrlar.
Ine, bu ýagdaý dünýäniň siwilizasyýa merkezleriniň ählisi üçinem mahsus ýagdaý bolupdyr.
Düýä siwilizasyýalarynyň esasy duşmany uruşlar bolupdyr. Şol döwürlerde Oguz hanyň, onuň ogullarynyň, dürli hanlyklarynyň, Aleksandr Makedonskiniň, Jemşit şanyň, olaryň göreldesini alan ençeme şalaryň, hanlaryň dünýä azy urmagy dünýä siwilizasyýalarynyň köküne palta urupdyr. Olar dünýä siwilizasiýasynyň iň beýik gymmatlygy bolan merkezleşmek, Jebislik, agzybirlik erkinlik ýaly mukaddeslikleri olaryň elinden alyp, soň olara öz talaplarynyň derejesinde, käbir ownujak peşgeşleri gaýtaryp beripdirler. Bu barada türkmeniň beýik akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň:

Seýl edeliň bu jahana,
Jahanda näler görüner,
Isgender, Jemşit gurduran,
Beýik binalar görner

– diýip ýazypdyr.
Elbetde, Isgenderiň–Aleksandr Makedonskiniň, Eýran şalarynyň

beýik şasy Jemşidiň, adamzat siwilizasiýalaryndan näeleri alyp, oňa nämejikleri gaýtaryp berendigine, adamzat taryhy şaýatdyr.
Ine, şeýdip dünýä siwilizasyýasynyň beýik gazananlary weýran edilýär. Emma şol siwilizasyýalar ýeriň ýüzünden ýok edilse-de, olaryň beýik gazananlary adamzadyň esasy mirasy bolup galypdyr. Şeýle hem, ol siwilizasyýalardan iň beýik miras—dünýä siwilizasiýalarynyň çyrpynyp duran päkize ruhy galypdyr. Çünki, her zat ölüp, ýok bolsa-da, onuň ruhy ölmeýär. Bu gadymdan gelýän, inkär edip bolmajak hakykatdyr.

* * *

Dünýäniň bäşinji siwilizasiýasy- Häzirki Garagum çölüniň içinden akyp geçen Jeýhun derýasynyň boýlarynda dörän beýik siwilizasyýanyň beýik ruhunyň özüni ýüze çykarmak üçin gaty köp galkynyşlar edendigine taryh şaýatdyr.
Biziň eramyzyň başlarynda Türkmen topragynda beýik galkynyşlar hasaba alynypdy.
Türkmen diliniň döremegi, Ürgençde, Abywerdde, Hywada, Buharada Mäne-Çäçede, Merwde, Saragsda dörän beýik ylmym-bilim merkezlerinde ylym, bilim, hünärmentçilik, maldarçylyk, beýleki ugurlar boýunça uly ösüşleriň bolandygyny şol döwürlerde bu ülkelerde bolan syýahatçylar ýazyp gidipdirler.
Bu ýerlerde iň esasy göze ilýän zat, tertip-düzgünlilikdi.
Emma Arap basybalyjylarynyň agyr sülsadynyň ýer süýşen ýaly bolup dökülmegi,Türkmenistanda din-şerigat ugrundaky agyr, duýdansyz ýaga basdyrylan uruşlarda adam gany derýa bolup akandygy barada arap taryhçysy Abu Japar Muhammet ibn Jarir At Tabary özüniň on jiltlik "Şalaryň taryhy we durmuşy. Pygamberleriň dogulmagy we olar baradaky habar we olaryň döwründe nämeler bolup geçipdir” (8.50-250 sah.) atly kitabynda jkme-jik beýan edipdir.
Araplaryň bu çozuşlary şol beýik siwilizasiýanyň ruhunyň näzik tilisgejiklerine çenli, baryny heniz iki gulak gämiklikden omur-jomur edip taşlap, özüniň matlabyny zor bilen ornaşdyryp gidipdi. Elbetde, bu siwilizasyýanyň ähli ugrynyň weýran

edilişi barada ýazmaga batyrlyk edenler bolmasa-da, türkmeniň beýik akyldar ogly Şahyr Şeýdaýy özüniň "Saýran tillerim” (3. 232 sah.) diýen gymmaty egsilmejek ajaýyp goşgusynda:

Arap, ajam, her bir işe goşuldy,
Sanly düzgün bilen saýran tillerim.
Kem-kem özün çekip, ýoga daşyldy,
Indi din öýünde haýran tillerim.

Biri bar diýr, nämedigin bilinmez,
Bagt uklap, köňül çagyn bolanok,
Ýalbararys, bize bize görnüp gelenok,
Biri bar salgymna ýortan tillerim.

Hiç milletiň gulagyna ýakank,
Dogry diýsem . zamanama ýokanok,
Kemin aýtsam, dolyy many çykanok,
Güň bolupdyr şirin saýran tillerim.

Çistan bilen bir dilegi içerde,
Goýup ýazsam aňa açylmaz perde,
Dilim ýarylypdyr, galmyşam derde,
Ýene-de gelermiň her ýan tillerim.

Näler sanyň aldym, çüzler dolduryp,
Okuw açyp, her millete bildirip,
Bu gün indi pelek seni öldürip,
Kuranyň astynda çüýrän tillerim.

Şeýdaýy diýr, kelam, mantyk eýesi,
Indi any hiç kim gelmez diýesi,
Arap dili boldi diller güýesi,
Dartyşyp dört ýana sürän tillerim.-

diýip ýazyşy ýaly, türkmeniň ene dili weýran edilýär. Ylym, ylym, bilim merkezleri, alymlar, şahyrlar, hünärmentler, daýhanlar doly ýok edilýär. Şeýlelikde, bu mukaddes ruhuň ýaňy göterilip başlan başynyň aşak egilmegine sebäp bolupdy. "Adam başy daşdan gaty” diýişleri ýaly, yslam eýýamynyň

zulmatly ýyllarynda siwilizasyýanyň ruhy täze ýalkym, täze güýç bilen parlap ugraýar. Türkmenistanda Köneürgençde ylym, medeniýet, oba hojalygy, hünärmentçilik ekerançylyk, ösüp başlaýar. Mamunyň akademiýasy, Horezmşalaryň köşk akademiýasy, özüniň ylym-bilim merkezleri, dünýäde gaty uly kitaphanalary bilrn belli bolan Merwde, Sarahs şäherler toplumynda,, Mälikşanyň, Soltansanjaryň imperial köşk ahademiýalarynda ylym, şahyrlar, şygyr iň belent derejä çykarylyp başlapdy. Köşgüň, imperatorlaryň hemaýatyny, goldawyny, belent bahasyna mynasyp bolup bilýän Alyşir Nowaýy, Omar Haýýam, Merweri, Hoja Ýusup Hemedany, Mäne baba ýaly alymlar, akyldarlar, şahyrlar görlüp-eşidilmedik derejede zehinlerini açyp, dünýäde iň zehinli eserleri halka miras berýärdiler.

Türkmenistan hemişe beýik alymlaryň, akyldarlaryň watany bolup gelipdi. Faraby, Ibn Sina, Abu Yragy, Nejmeddin Kubra, Mahmyt Zamahşary, Mäne baba, Alişir Nowaýy, Omar Haýýam, Nurmuhammet Andalyp, Döwletmämmet Azady, Magtymguly-Pyragy… ýaly gündogaryň beýik akyldarlary türkmen topragynda döräp, önüp-ösüp, soň dünýä akyldarlygynyň esasyny tutan danalar bolupdylar.

Şu döwürlerde türkmen şahyra Alynyň "Ýusup-Zyleýha” poemasy, "Görogly”, ”Gorkut ata”, "Demir akan" ýaly dünýä belli eposlar, "Hüýrlukga-Hemra” "Saýatly –Hemra”, ”Ýusup –Ahmet”, "Şasenem-Garyp”, "Nejep oglan" ýaly ajaýyp dessanlaryň ulgamlary döredilipdi.

Emma bu galkynyşlar gaty bir uzaga-da çekmändi…

Türkmen ylmy, bilimi, medeniýeti, ona hojalygy, senetçiligi, söwda, senetçiligi, hünärmentçilik ýaly dürli ugurlar gadymlarda bari çylşyrymly ýagdaýlary başdan geçirip geldi.. Gadymlardan gelýän beýik ylym mülküne arap basybalyjylaryy uly zarba urmasyndan soň, ýaňy özüne gelen çaglary Çingiz hanyň zulmatly ordasynyň aýak aşagyna düşdi.Şondan tä Türkmenistanyň Rusiýa patyşalygyna zor bilen birikdirilmegi, uzaga çeken baknalyk döwri, rewolýusiýalar, geçen asyryň otuz ýedinji ýyllary, Ikinji jahan urşy, uruşdan soňky "dikeldiş” ýyllarynyň awusy, Aşgabat ýer yranmasy, soňky, ellinji, altmyşynjy ýyllaryň kynçylykly döwürleri türkmen

siwilizasyýasynyň parlak ruhunyň oýanmagyna mümkinçilik bermek-hä däl, türkmeniň öz-özüne eli degmän geçipdi.

SSSR-ň düzüminde bolunýan mahaly, sowet ideologiýasy "täze, kommunizm gurujy täçze adamy kemala getirmek, milli ruhly, sosialistik mazmun medeniýeti kemala getirmek barada ot –elek bolup jöwlan urýardy.

Sada, diňe ynsabyny Allasyna öwrüp ýaşaýan türkmen halky bu komunistik salgyma jany bilen ynanýardy. Indi, SSSR iň düzüminde ýaşajak bolunsa, onuň ideýalaryna ynanman ýaşap bolmaz" diýlip pikir edilýärdi. Şonuň üçin ol ynanjyny ygtybaryny gazanjyny, din-imanyny bu ugra bagş etdi. Emma günleriň birinde, 1990-njy ýyllaryň aýagyna şol dünýäni agzyna bakdyran SSSR atly beýik imperiýa özüniň ýetmişe golaýlap ýalum-ýulum edip aldan raýatlaryny dört ýan töweegi salgym, çöl bolup ýatan ýalazy meýdana getirip döküp goýberdi.

Şol, Beýik Watanym, SSSR-m diýip bagryny paralap ýören garabagt halk indi, ynanjyny, ygtybaryny, baýlygyny maksat-myradyny, ömrüniň iň gözel günlerini ýele sowurdy.

Öňki kuwwatly imperiýa ýykylyp, ýok bolandan soň, ykdysadyýeti düýbünden çöken, ynamsyz haslkly bozulan düzgünli ülkesi bilen ýekme-ýek galypdy.

Şeýle ülkeleriň arasynda „ýalýagysy", elini serip ýören, gedaý" öňki SSSR-ň sanawynda garyplygy, özüni ekl;emäge güýji, gujury ýetmeýän, agyzdan galan-gaçan bilen zordan mydar edip, dowzah diýilýän ýurdy özüne mesgen edinnip ýaşaýar" diýilýän Türkmenistan diýilýän gözgyny, nebsagyryjy, garyp, ülhit gedaý hem bardy.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň ilkinji on bäş ýyly taýýarlyk eýýamy bolup geçdi. Bu döwürde, BMG-da san bolundy, soň gerek bolaýmagy mümkin diýen ätiýajy bilen Hemişelik Bitarap bolundy.

■ Edebiýat:

1. Gurbanguly Berdimuhamedow "Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy" Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I tom.- A.; Türkmen döwlet

neşirýat gullugy, 2010 ý.
2. Ö.A.Günogdyýew. Sultany welikoý Turkmeno-Seljukskoý mperii, Aşhabad, 2001.
3. Türkmen şiiri anatolojisi. Ankara, 1995 ý. 48-53.
4. Словарь Иностранных слов . М. 1989.
5. Sarianidi W.I. „Goňurdepe – Türkmenistan. Şalaryň we hudaýlaryň şäheri. Aşgabat, 2005 ý.
6. Ýazgylyç Orazgylyjow Türkmen halkynyň kemala gelmegi we onuň adamzat progresine goşandy. Aşgabat, „Ylym” neşirýaty, 2011 ý.
7. ”Täze Galkynyşlar we beýik özgertmeler eýýamynda Türkmenistanyň arheologiýa etnografiýa ylmy: ýetilen sepgitler we öňde durýan wezipeler” atly halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany. (2010-njy ýylyň 10-11-nji noýabry). A., 2010 ý.
8. Абу Жапар Мухамед ибн Жарир ибн Язид ибн Катир Ат Табари. История царей и жизнь, рождение пророков и известие об них и того что случилос во время из них. Москва, 1960 г.
9. ”Türkmen halkynyň kemala gelmegi we dünýä medeniýetiniň ösüş taryhy. Halkara maslahat. 23-24 fewral, 2011 ý.”Tezisler ýygyndysy.”
10. Barbara Çezeretda.
11. B.Kerbabaýew. Saýlanan eserler.

Aşgabat, 2011 ý.

Öwezdurdy NEPESOW.

Publisistika